# Oguz han paýhasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Oguz han paýhasy OGUZ HAN PAÝHASY




Oguz pähimi ygtykat hem din
Çünki ylahdan, pygamberdi ol!
Ony göz öňüne getirmek-de kyn,
Çünki oda-suwa,
ýele-ýagmyra
Uýup ýören dünýä
dünýä deý beýik
Pygamberlik parasadyn berdi ol!
Gün han diýip at dakdy ol ogluna,
Aý han diýip at dakdy ol ogluna,
Göterip Aý bilen Günüň ornuna.
Gök han diýip at dakdy ol ogluna,

Dag han diýip at dakdy ol ogluna,
Olar zemin bolup,
olar dag bolup,
Arka durmalydy oguz kowmuna!

Ýyldyz han diýp at dakdy ol ogluna,
Deñiz han diýp at dakdy ol ogluna.
Çünki olar deñiz bolup owsunyp,
Ulus-ili äkitmeli gowluga.

Nuruñy saç, Aý han!
Nuruñ saç, Gün han!
Siz parlap synasy owadan dünýäñ!
Aç sen, Gök han, syrdan doly gujagyñ,
Dag han, göter Ýyldyz hanyñ deñine,
Men gark bolup dünýäñ pelsepesine,
Galyp Oguz hanyñ mertebesine,

Oguz han atamyñ paýhasy bolup,
Bu dünýäniñ depesinden uçaýyn.
Akyl ýetireýin gadym dünýäniñ
Ylahy paýhasly pygamberine!

Saparmyrat TÜRKMENBAŞY Goşgular